**Erkin aýlanýan puluň çägini bellemek barada**

«Daşary ykdysady gatnaşyklarynda puly kadalaşdyrmak we pula gözegçilik etmek hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda, «Pul we alyş-çalyş amallarynyň meseleleri hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň 2013-nji ýylyň 3-nji oktýabryndaky 13240-njy kararyny ýerine ýetirmek, puluň kadalaşdyrylmagynyň we pula gözegçilik etmegiň täsirini ýokarlandyrmak, şeýle hem erkin aýlanýan puluň çägini bellemek maksady bilen, buýurýaryn:

1. Erkin aýlanýan puluň çägini ABŞ-nyň 10 000 (on müň) dollar (ýa-da oňa barabar derejede milli ýa-da beýleki daşary ýurt pulunda resmi hümmeti boýunça) derejesinde bellemeli, muňa alyş-çalyş nokatlary tarapyndan fiziki şahslara daşary ýurt pulunyň milli pula satylmagy boýunça amallar degişli däldir.

2. Alyş-çalyş nokatlary tarapyndan fiziki şahslara daşary ýurt pulunyň milli pula satylmagy boýunça amallary çäklendiriji çäreleri ulanmak (fiziki şahslaryň şahsyýetini kybaplamak) bilen amala aşyrmaly. Bu amallar üçin «erkin aýlanýan puluň çägi» diýen düşünjäni ulanmaly däl.

3. Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2011-nji ýylyň 20-nji dekabrynda 616 san bilen bellige alnan «Onuň çäklerinde dahyllylaryň we dahylsyzlaryň birwagtlaýyn pul amallaryny çäklendiriji çäreleri ulanylmazdan amala aşyrylýan erkin aýlanýan puluň çägini bellemek barada» Türkmenistanyň Merkezi bankynyň müdiriýetiniň başlygynyň 2011-nji ýylyň 2-nji dekabrynda çykaran 72-Ö belgili buýrugyny güýjüni ýitiren hasap etmeli.

4. Şu buýrugyň ýerine ýetirilişine gözegçiligi Türkmenistanyň Merkezi bankynyň müdiriýetiniň başlygynyň orunbasarlarynyň, Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Bank gözegçiligi, Pul dolanşygy we emissiýa-kassa amallary, şeýle hem Daşary ýurt puluny kadalaşdyryş we daşary ykdysady gatnaşyklar müdirlikleriniň başlyklarynyň üstüne ýüklemeli.